Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň
2023-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda çykaran 499 belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegini bermegiň tertibini tassyklamak hakynda»**

"Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň kanunynyň 43-nji maddasyna we Türkmenistanyň Prezidentiniň 2021-nji ýylyň 16-njy aprelinde çykaran 2230-njy karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi hakynda Düzgünnamanyň dördünji böleginiň 3-nji bendine esaslanyp, **buýurýaryn:**

1. Plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegini bermegiň tertibini tassyklamaly (goşulýar).

2. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Okuw mekdepleri, ylym we işgärler bölüminiň başlygy şu buýrugy ähli saglygy goraýyş edaralarynyň ýolbaşçylarynyň dykgatyna ýetirmeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň bejeriş-öňüni alyş kömegini guramak boýunça orunbasary gözegçilik etmeli.

**Ministr** **A.Germanow**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş
we derman senagaty ministriniň
2023-nji ýylyň 23-nji oktýabrynda
çykaran 499 belgili buýrugy bilen
tassyklandy

## Plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegini bermegiň Tertibi

### I bap. Umumy düzgünler

1. Plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegini bermegiň tertibi (mundan beýläk - Tertip) 2015-nji ýylyň 23-nji maýynda kabul edilen "Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň 10-njy maddasynyň 2-nji bendine we 43-nji maddasyna laýyklykda işlenilip taýýarlanyldy we Türkmenistanyň döwlet saglygy goraýyş edaralarynda plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegini bermegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegi aşakdaky görnüşlerde berilýär:

1) ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegi;

2) tiz saglygy goraýyş kömegi, şol sanda ýöriteleşdirilen tiz saglygy goraýyş kömegi (mundan beýläk – tiz saglygy goraýyş kömegi);

3) ýokary tehnologiýaly kömeginiň ulanylmazlygynda ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegi (mundan beýläk – ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegi);

4) meýilnamalaýyn kömegi – öňüni alyş çäreleri geçirilen mahalynda, näsagyň janyna we saglygyna howp döretmeýän we bejermegiň belli bir wagta yza süýşürilmegi näsagyň ýagdaýynyň ýaramazlaşmagyna getirmeýän mahalynda we ýagdaýlarda.

3. Plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegi şu aşakdaky şertlerde berilýär:

1) saglygy goraýyş edarasyndan daşarda – “Tiz kömek” gullugynyň lukman (feldşer) çagyryş toparynyň çagyrylýan ýeri boýunça;

2) gatnawly şertlerde, şol sanda saglygy goraýyş işgäri çagyrylan mahalynda öýünde, gije-gündiz gözegçilik edilmezden we bejerilmezden;

3) gündizki ýatymlaýyn şertlerde – gije-gündiz gözegçilik edilmegi we bejerilmegi talap etmeýän, diňe gündizine gözegçilik edilmegi we bejerilmegi;

4) ýatymlaýyn şertlerde – gije-gündiz gözegçilik edilmegi we bejerilmegi.

## II bap. Ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegi

4. Plastiki hirurgiýa ugry boýunça näsaglar üçin ýöriteleşdirilen ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegi gatnawly we gündizki ýatymlaýyn şertlerde (plastiki hirurgiýa bölüminde) plastiki hirurglar tarapyndan üpjün edilýär we aşakdaky çäreleri göz öňünde tutýar:

1) ösüş, şikesler we olaryň netijeleri, keseller we hirurgiki çäreler, şol sanda ýatrogen kemçilikler, şeýle hem plastiki hirurgiýa rekonstruksiýa usullaryny ulanmak bilen el-aýaklaryň, olaryň segmentleriniň we fragmentleriniň, şeýle hem adam bedeniniň beýleki bölekleriniň trawmatiki amputirlenmesi, nesil yzarlaýan we dogabitdi näsazlyklar ýaly sebäpler arkaly döräp biljek islendik lokalizasiýanyň bitewi we esasy dokumalarynyň anatomiki we (ýa-da) funksional kemçiliklerini ýok etmek;

2) adam bedeniniň islendik ýerleriniň anatomiki gurluşlarynyň daşky görnüşini we gatnaşyklaryny belli bir hassanyň umumy kabul edilen estetiki ülňülerine we pikirlerine laýyklykda üýtgetmek, şol sanda ýaş bilen baglanyşykly üýtgeşmeleri, anatomiki we (ýa-da) funksional kemçilikleri ýok etmegiň netijelerini düzetmek we (ýa-da) adamyň durmuşynyň hilini ýokarlandyrmaga sebäp bolup biljek plastiki hirurgiýanyň kömegi bilen edilip bilinjek islendik lokalizasiýanyň bitewi we esasy dokumalarynyň funksional kemçilikleri aradan aýyrmaklyk;

3) kliniki maslahatlara laýyklykda lukmançylyk kömegini bermek.

5. Raýatlara ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegini bermegiň tertibi Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2017-nji ýylyň 13-nji iýulynda 1072 bellige alyş

belgisi bilen döwlet belligine alnan, “Raýatlara ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegini berýän döwlet saglygy goraýyş edaralaryň Sanawyny, şeýle hem onuň berilmeginiň möçberini we tertibini tassyklamak hakynda” Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2017-nji ýylyň 23-nji iýunynda çykaran 186 belgili buýrugyna laýyklykda amala aşyrylýar.

## III bap. Tiz saglygy goraýyş kömegi

6. Tiz saglygy goraýyş kömegi ýöriteleşdirilen tiz saglygy goraýyş kömeginiň görnüşinde berlip bilner.

7. Tiz saglygy goraýyş kömegi, şol sanda ýöriteleşdirilen tiz saglygy goraýyş kömegi, saglygy goraýyş edarasyndan daşarda, şeýle hem gatnawly we ýatymlaýyn şertlerde berlip bilner.

8. Adamyň janyna we saglygyna howp döredýän ýagdaýlar ýüze çykan mahalynda saglygy goraýyş işgärleriniň zerur bolan islendik aragatnaşyk serişdesini we adamy iň ýakynda ýerleşýän tiz saglygy goraýyş kömegi gullugyna ýa-da bejeriş-öňüni alyş edarasyna alyp barmak üçin bar bolan islendik ulag serişdesini tölegsiz peýdalanmaga hukugy bar.

9. Tiz saglygy goraýyş kömegini bermek zerurlygy ýüze çykan halatynda sanitar awiasiýasynyň serişdeleri peýdalanylyp bilner.

10. Tiz saglygy goraýyş kömegi, şol sanda ýöriteleşdirilen tiz saglygy goraýyş kömegi saglygy goraýyş edarasynyň daşynda, şeýle hem gyssagly ýa-da gaýragoýulmasyz görnüşde berilýär.

## IV bap. Ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegi

11. Ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegi ýatymlaýyn şertlerde berilýär.

12. Ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegi öňüni alyş çärelerini, anyklaýşy we saglygy bejermegi, şol sanda ýörite usullaryň ulanylmagyny öz içine alýar.

13. Döwlet saglygy goraýyş edaralarynda berilýän saglygy goraýyş kömeginiň hil standartlary, ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömeginiň görnüşleri we möçberleri Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýan tertipde bellenilýär.

14. Ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegi, plastiki hirurg lukmanlary tarapyndan ýatymlaýyn şertlerde we gündizki ýatymlaýyn şertlerde berilýär we ol öňüni alyş, anyklaýyş, ýöriteleşdirilen barlag usullaryny, çylşyrymly tehnologiýalary, keseliň öňüni alyş, anyklaýyş, bejeriş, ýöriteleşdirilen we lukmançylyk saglygyny dikeltmegi öz içine alýar.

15. Saglygy goraýyş edarasynyň ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegini bermek, lukmançylyk görkezmeleri esasynda şu aşakdaky ýagdaýlarda alnyp barylýar:

1) plastiki hirurgiýa ugry boýunça kesellän adamlar özbaşdak ýüz tutanda;

2) ilkinji saglygy goraýyş-sanitariýa kömegini berýän saglygy goraýyş edarasynyň feldşerleri, lukman terapewtleri, maşgala lukmanlary we beýleki degişli lukmanlary tarapyndan ugradylanda;

3) plastiki hirurgiýa ugry boýunça kesellän adamlar tiz kömek gullugy tarapyndan getirilende.

16. Hirurgiýa ulgamynyň keselleri bilen kesellän çagalar tiz kömek gullugy tarapyndan, düzüminde "Hirurgiýa", "Anesteziologiýa we reanimasiýa" ugurlary boýunça gije-gündiziň dowamynda saglygy goraýyş kömegini berýän saglygy goraýyş edaralaryna ugradylýar.

17. Saglygy goraýyş edaralaryna gelen hirurgiýa ulgamynyň keselleri bilen kesellän adamlar kabul ediş bölüminde hirurg ýa-da beýleki ugurlar boýunça lukmanlar tarapyndan görkezmesi bolan halatynda we ýaşaýşyna howp salýan ýagdaýlar ýok bolsa, plastiki hirurgiýa bölümine, eger-de ýaşaýşyna howp salýan ýagdaýlar bar bolsa, reanimasiýa ýa-da intensiw bejeriş bölümlerine ugradylýar.

18. Ýaşaýşa howp salýan ýagdaýlar aradan aýrylanyndan soň, lukmançylyk görkezmeleri esasynda, näsaglar saglygy goraýyş edarasynyň plastiki hirurgiýa bölümine ýöriteleşdirilen saglygy goraýyş kömegini bermek üçin geçirilýär.

Plastiki hirurgiýa ugry boýunça ilkinji kesel kesgidi, plastiki hirurgiýa ugry boýunça kesellän adamlar saglygy goraýyş edaralaryna düşen ilkinji gününde kliniki-instrumental barlaglaryň we laborator barlaglaryň esasynda goýulýar.

Gutarnykly kesel kesgidi, näsagyň plastiki hirurgiýa bölümine düşen gününden başlap, 3 (üç) senenama gününiň dowamynda kliniki-instrumental we laborator barlaglaryň, dinamiki gözegçiligiň esasynda goýulýar.

Meýilnamalaýyn kömek Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2021-nji ýylyň 9-njy iýulynda 1488 bellige alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2021-nji ýylyň 7-nji iýunynda çykaran 202 belgili buýrugy bilen tassyklanan, Ilata saglygy goraýyş kömeginiň ýatymlaýyn şertlerde berilmeginiň Tertibine laýyklykda amala aşyrylýar.

## V bap. Plastika hirurgiýa bölüminiň işini guramak

19. Plastika hirurgiýa bölümi döwlet saglygy goraýyş edarasynyň düzüm birligi hökmünde döredilýär. Plastika hirurgiýa bölüminiň saglygy goraýyş we beýleki işgärleriniň sany saglygy goraýyş edarasynyň ýolbaşçysy tarapyndan geçirilýän bejeriş-anyklaýyşyň iş möçberine we hyzmat edilýän ilatyň sanyna baglylykda, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan tassyklanylýan, Plastika hirurgiýa bölümine teklip edilýän wezipe birlikleriniň sanawyny göz öňünde tutup, Türkmenistanda edara-kärhanalaryň wezipe sanawlaryny tassyklamagyň we ylalaşmagyň kanunçylykda bellenilen tertibine laýyklykda kesgitlenilýär.

20. Plastika hirurgiýa bölüminiň plastiki hirurg lukmany wezipesine, saglygy goraýyş ugry boýunça ýokary hünär okuw mekdebiniň "bejeriş işi" ýa-da "pediatriýa"

fakultetini tamamlap ýokary bilimi alan we plastiki hirurgiýa ugry boýunça internaturany ýa-da kliniki ordinaturany geçen hünärmenler bellenilýär.

21. Plastika hirurgiýa bölümine orta lukmançylyk bilimi bolan işgärler şeýle hem, lukmanlar işe bellenilende saglygy goraýyş ulgamynda ýolbaşçylara, hünärmenlere we beýleki işgärlere bildirilýän hünär kämilleşdiriş düzgünleriniň talaplary berjaý edilmelidir. Olar bellenilen tertipde hünärlerini ýokarlandyrmalydyrlar. Degişli saglygy goraýyş edaralary Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan kesgitlenilýän şertlerde we tertipde işgärleriň hünär taýýarlygyny, gaýtadan taýýarlygyny we hünäriniň ýokarlandyrylmagyny geçirýärler.

22. Plastika hirurgiýa bölüminiň esasy işi şulardan ybaratdyr:

1) plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegine mätäç näsaglara maslahat, anyklaýyş we bejeriş kömegini bermek;

2) plastiki hirurgiýa ugry boýunça saglygy goraýyş kömegine mätäç näsaglaryň dispanser gözegçiligi we lukmançylyk taýdan saglygy dikeldiş çärelerini geçirmek;

3) plastiki hirurgiýa ugruna degişli keselleriň we saglyk ýagdaýlaryň beterleşmesiniň ilkinji öňüni alşyny geçirmek, şeýle hem kynçylyklaryň ikinji derejeli öňüni alşyny we bu keselleriň we saglyk ýagdaýlaryň dowam etmezligi üçin çäreleri geçirmek;

4) plastiki hirurgiýa ugrundaky saglygy goraýyş kömegini bermek boýunça ýüze çykýan guramaçylyk meselelerini çözmek;

5) wagtlaýyn zähmete bolan ukypsyzlygyny barlamak;

6) sanitariýa we arassaçylyk aň-bilim bermek üçin çäreleri işläp düzmek we durmuşa geçirmek;

7) plastiki hirurgiýa ugruna degişli keseller boýunça keselleriň öňüni almak, diagnoz goýmak we olary bejermegiň täze usullaryny ýola goýmak;

8) saglygy goraýyş buhgalterçilik hasaba alnyş resminamalaryny ýöretmek.

23. Bölümde operasiýadan soňky sargylary anesteziýasyz ýa-da aplikasion anesteziýa ulanyp ýerine ýetirmäge rugsat berilýär. Infiltratiw, geçiriji (prowodnikowyý) we beýleki anesteziýa görnüşlerini, islendik beýleki inwaziw lukmançylyk çärelerini geçirmeklige ýol berilmeýär.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2023-nji ýylyň 16-njy noýabrynda 1746 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.